# Tolstoý öýüni kart oýnap utduran eken

Category: Edebi makalalar,Filosofiýa,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tolstoý öýüni kart oýnap utduran eken TOLSTOÝ ÖÝÜNI KART OÝNAP UTDURAN EKEN



Beýik rus ýazyjysy Lew Nikolaýewiç Tolstoý 1828-nji ýylda baý maşgalanyň çagasy bolup, Ýasnaýa Polýanada dünýä indi. Kakasy graf bolan Tolstoý «Anna Karenina», «Hajymyrat», «Uruş we parahatçylyk», «Ölümden soňky direliş» ýaly ölmez-ýitmez eserleri bilen dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna hemişelik girmegi başardy.

- **Humarbaz**

Rus aristokratlarynyň we baýlarynyň arasynda endik bolan pully kart derdine Tolstoý hem ýolugypdyr. Bir gezek ol kart oýnanda goňşusy Gorohow bilen oýnan oýnunda Ýasnaýa Polýanadaky mülküni elden gideripdir. Goňşusy şobada onuň öýüni öz adyna geçiripdir. Çünki onuň öýi ýönekeý öý däldi. Tolstoý şu öýde doglupdy we çagalyk ýyllaryny şol ýerde geçiripdi. Öýüni elden

gideren humaryndan soñ ömürboýy ökünip gezen ýazyjy birnäçe gezek yzyna satyn almaga synanyşanam bolsa, käbir sebäplerden ötri öýüni alyp bilmändir.

- **Beýik söýgi**

Tolstoý 48 ýyllap bile ýaşaşan aýaly Sofýa Bers bilen 34 ýaşyndaka tanşypdyr. Sofýa Andreýewna Lew Tolstoýyñ diñe aýaly däl, şol bir wagtyñ özünde hakyky dosty we edebi ylham beriji söýgüsidi. Ýaşaşan başky ýigrimi ýyly aralary sazdy, juda bagtlydylar. Emma soñabaka Tolstoýyñ ýaşaýyş-durmuş formasy Sofýa Andreýewnanyñ göwnüne ýaraman, ýygy-ýygydan dawalaşyp başlaýarlar. 2014-nji ýylda Tolstoýyñ neslinden 350 adamyñ bardygy we 25 ýurtda ýaşaýandygy hasaba alnypdyr.



- **Gandiniñ halypasy**

Tolstoý Hindistan we esasanam filosofiýa bilen aýratyn gyzyklanypdyr. Ýazyjynyñ «Hudaýyñ içimizdäki patyşalygy» eserinde gozgalýan pikirler ýaş Mahatma Gandä ýiti täsirini ýetiripdir. Geljekde Mahatma Gandi halk hereketine ýolbaşçylyk edipdir we parahatçylykly gepleşikleriñ dowamynda 1947-nji ýylda Hindistanyñ garaşsyzlygyny Angliýadan almagy başarypdyr.

- **«Uruş we parahatçylyk**

Tolstoýyň «Uruş we parahatçylyk» romanynyň başky ady «1805-nji ýyl» eken, soň «Gowy bolan hemme zat gowy gutarar» edipdir. Edebiýaty öwreniji alymlaryň aýtmagyna görä, roman sekiz gezek täzeden ýazylypdyr we aýry-aýry bölümlerine bolsa ýigrimi bäş gezekdenem köp düzediş girizilipdir. Ýazyjy ýazan bu romany boýunça özüni tankyt etmegi diýseň halapdyr. Ol hemişe gozgan pikirleriniň beýle gymmatly bolup çykjagyny pikir etmändigini nygtapdyr.

- **Beýik ýolgörkeziji**

Tolstoý daşary ýurtlardaky bilim-terbiýäni görmek hem-de Günbatar medeniýetini ýakyndan tanamak maksady bilen iki gezek Ýewropa syýahatyna çykypdyr. Birinjisini 1857-nji ýylda, ikinjisini 1860-1861-nji ýyllarda eden syýahatynyň dowamynda eden deňeşdirmeleriniň, geçiren barlaglarynyň netijesi rus bilim sistemasynda düýpli kemçilikleruň bardygyny ýüze çykarypdyr. Ýazyjy döredijiligini taşlap, mekdep açypdyr. Şol bir wagtyň özünde öz bilim metodikalaryny gürrüň berýän ylmy-pedagogiki žurnal çykarypdyr we munuň ýany bilen başlangyç bilim berýän okuw kitaplaryny çap edipdir.

- **Tolstoý we beýleki ýazyjylar**

Tolstoý Çehow we Gorkiý bilen gowy düşünişipdir. Şol bir wagtyň özünde Turgenew bilen dostluk gatnaşygyny saklapdyr. Emma Turgenew bilen arasynda pikir düşünişmezligi döräp, duel bilen gutaryp biljek dawa turupdyr.

- **Wegetarian**

1885-nji ýylda Tolstoýyň ýanyna wegetarian ýazyjy Uilýam Fraý gelipdir. Tolstoý Fraý gelip-gidenden soň adamyň daşky gurluşynyň we iýmit siňdiriş sistemasynyň işleýşiniň et iýip ýaşamak üçin gurnalmandygyny duýupdyr we wegetarian bolmagy makul bilipdur. Tolstoýyň bu hereketinden soň gyzlary Tatýanadyr Mariýa hem wegetarian bolupdyr. Belki-de, şonuň

üçin olar Russiýada ilkinji wegetarian maşgala hökmünde taryha giripdir.

- **Tolstoýçylyk**

Prawoslaw buthanasyndan gyrakladylandygyna garamazdan ömrüniň soňky pursatlaryna çenli Lew Tolstoý özüniň hristiandygyny aýdypdyr. Prawoslaw buthanasy bilen arasynyň ýaramazdygyna garamazdan dini eserler tapgyryny ýazypdyr we muňa «Tolstoýçylyk» diýip at goýupdyr. Onuň bu eserindäki öňe sürýän pikirlerinden Mihail Bulgakow «Ussat we Margarita» romanyny ýazanda täsirlenipdir.
Tolstoý aýaly bilen tersleşip öýden çykyp gaýdandan soň syýahata çykypdyr we şol syýahatynyň dowamynda aradan çykypdyr. Lew Nikolaýewiç otluda gidip barýarka saglygy ýaramazlaşyp, Astapowo stansiýasynda düşüp galdy we stansiýa müdiriniň öýünde 1910-njy ýylyň 7-nji noýabrynda aradan çykdy.
Edebi makalalar